# Dostuma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dostuma

DOSTUMA

“Wagtym ýok” diýmeli däl.
Sen hüşgär bolmalysyň.
Wagt geçýär.
Bu gowy däl.
Gowy ýeri
seň özüň –
Wagtyň uçarmanysyň.

“Mende wagt ýok” diýmeklik –
Takyrlykdyr,
boşlukdyr.
Ony geçirmän duşdan
Sarp etmeklik peýdaňa –
Ak bagtyňa buşlukdyr.

Üç ýüz altmyş bäş gün bar,
Bir ýylda,
sen bilýänsiň!
Saňa pete-pet gelýän
Üç ýüz altmyş bäş bagty
Bolmanda bir peýlärsiň.

Düýn – duşdan geçen wagt.
Gussa daňma hyýaly.
Bagt-a bir çars bedewdir,
Wagtdyr çapyksuwary.
Biz yzynda pyýada.

Wagty öndürip bolmaz,
Önümçilik däl wagt.

Öldüribem bolmaýar,
Zyýansyzlandyrybam.
Sarpaly tutmak – bagt.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular